# Ezopyñ basnýalaryndan

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ezopyñ basnýalaryndan EZOPYÑ BASNÝALARYNDAN




▶ GÖRMEKSIZEM BOLSAM…
Saýhally durna bilen tylla ganatly tawus jedele urupdyrlar. Tawus onuñ sypatyny, keşbini ýañsa alýardy. Durna kelpeñ tawusa ýüzlenip, ahyry şeýle diýipdir:
– Bar, sen menden görmekli ekeniñem-dä. Oña derek men al-asmanda pasyrdap, ýyldyzlañ deñinde pel-pelleýän, sen welin horaz kimin ýerden çala saýlanyp, diñe pysyr-pysyr edýäñ…

▶ ÜÇ BÖLEK OLJA

Ýolbars bilen gulan ikisi aw awlapdyr. Ýolbars güýjüne baýrynsa, gulan ýüwrükligine baýrynýardy. Şeýlelikde, ikisi olja baryny alypdyr. Ýolbars oljany üçe bölüpdir.
– Ine, şu bölek meñki – diýip, ýolbars oña düşündiripdir. –

Sebäbi men güýçli, ikinji bölegini awa şärikligim üçin alýan. Eger şu ýerden çaltrak gümüñi dartmasañ üçünji bölek saña gaty gymmat düşer.

▶ HARLANAN BEDEW

Uruş mahaly ýigit atyny saýlama iým bilen bakypdyr. Howp-hatarda, agyr-agyr jeñde özüni goratmak üçin şeýdipdir. Uruş gutarypdyr. Indi şol ýigit bedewini eşek ornunda ulanyp, oña agyr-agyr ýük daşadypdyr, üstesine ýeter-ýetmez naharlapdyr.
Ýene uruş başlanypdyr. Ýigit atynyñ üstüne towsup, ýaragyny şaýlap, ýola düşüpdir. Ýöne aty indi eýesini götermäge gurbaty çatmandyr. Ahyry ol çydaman eýesine şeýle diýipdir: "Hany, üstümden düş-de, pyýada goşunyñ hataryna goşul. Sebäbi sen meni eşege öwürdiñ, indi sen eşegi ata öwrüp biläýermikäñ?.."

▶ KÜMSÜK HÄSIÝET

Gaty ýaragan it bar eken. Ol ötegçilere-de azar ýamanyny beripdir. Sessiz-üýnsüz baryp hatyladyp alaýýarmyş. Eýesi onda bizar bolup, boýnuna jañ asypdyr. Jañ sesi howp-hatary öñünden duýdurypdyr.
Ýarak it welin muña özüne edilýän dereje diýip düşündi hem-de petekesini gaýşartdy. Uly meýdançada eýläk geçip, beýläk geçip, bir jyññyrdady. Ony synlap duran bir garry köpek:
– Sen nämäñe temegiñi göge tutýañ? – diýip, jabjyndy. – Saña bu jañjagaz edermenligiñ üçin däl, kümsük, ýaramaz häsiýetiñ üçin berildi!

▶ DAT GÜNÜMIZE!..

Haýwanlaryñ şasy ýolbars akylyndan azaşypdyr. Ony ýaýladan garap duran sugun haýpygelijilik bilen pyşyrdady: "Dat, biz garybyñ gününe! Bu bende akylyndan öz akylyndaka zordan çydaýadyk. Akylyndan azaşansoñ, nähili bela-beterleri gopararka?

Ezop.